Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň 2010 ýylyň "26" martyndaky № 15 buýrugy bilen tassyklanyldy

TÜRKMENISTANYŇ STATISTIKA BARADAKY DÖWLET KOMITETINIŇ ÝANYNDAKY USULYÝET GEŇEŞI HAKYNDA DÜZGÜNNAMA

1. Türkmenistanyň "Döwlet statistikasy hakynda" Kanunynyň 8-nji maddasyna (2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki 32-IV belgili Türkmenistanyň Kanuny esasynda girizilen üýtgetmeler bilen) laýyklykda statistika işinde usulyýet we guramaçylyk meselelerini çözmek üçin, Türkmenistanyň sosial-ykdysady ösuşine statistik-ykdysady seljerme bermek boýunça işleri utgaşdyrmak we ylmy-usulyýet meseleleri boýunça çözgütleri aýanlyk ýagdaýynda esaslandyrmak üçin, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň ýanynda hereket edýän Usulyýet geňeşi maslahatçy gurama bolup durýar we Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň buýrugy bilen döredilýär.

2. Geňeşiň düzümine Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygy we onuň orunbasarlary, statistikanyň usulyýetini kämilleşdirmek, statistiki maglumaty emele getirmek, işlemek, ýaýratmak we ýaşyrynlygyny üpjün etmek, şeýle hem hünärmenläriň hünär derejisine ýokarlandyrmak meselelerine dahylly müdirlikleriň we özbaşdak bölüm birlikleriniň ýolbaşçylary, şeýle hem tejribeli hünärmenleri girýär. Geňeşiň agzalarynyň şahsy düzümini Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygy tassyklaýar.

3. Statistikanyň usulyýeti we guralyşy müdirligi zerurlyk çykan halatynda Geňeşiň garamagyna onuň agzalarynyň düzümini täzelemek boýunça teklipleri çykarýar we onuň makullamagy esasynda Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygyna tassyklamak üçin berýär.

4. Geňeşiň mejlisine Statistika baradaky döwlet komitetiniň ähli müdirlikleriniň başlyklary, olaryň orunbasarlary, bölümleriň başlyklary, şeýle hem özbaşdak bölüm birlikleriniň başlyklary hökmany suratda gatnaşýarlar. Mejlisde käbir özboluşly usulyýet we seljeriş işlerine seredilende degişli ministrlikleriň we pudak edaralarynyň ýokary hünärli işgärleri hem çagyrylýar.

5. Usulyýet geňeşi öz işi baradaky hasabaty Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygyna, onuň ýok mahalynda – komitetiň başlygynyň orunbasaryna berýär.

6. Geňeşiň işine onuň başlygy - Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygy, onuň ýok mahalynda bolsa Geňeşiň başlygynyň orunbasary - Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň orunbasary ýolbaşçylyk edýär.

7. Statistikanyň usulyýeti we guralyşy müdirligi Geňeşiň işini guraýar, onuň mejlisleriniň gün tertibini düzýär we mejlisiň geçirilmegi barada öňünden habar berýär.

8. Geňeşiň agzalary hökmany ýagdaýda onuň mejlisine gatnaşýarlar, diňe geçirimli sebäplere (ýokary edaralaryň, Statistika baradaky döwlet komitetiniň ýolbaşçylarynyň gyssagly ýumuşlaryny ýerine ýetirmek, zähmet rugsadynda, iş saparynda ýa-da ýarawsyz bolmak) görä mejlise gatnaşmazlyga rugsat berilýär. Statistika baradaky döwlet komitetiniň beýleki işgärleri hem, eýeleýän wezipesine garamazdan, Geňeşiň işine gatnaşyp hem-de gün tertibindäki meseleler boýunça çykyş edip bilýärler.

9. Geňeşiň mejlisi her çärýekde bir gezekden az bolmadyk ýygylykda geçirilýär. Onda Statistika baradaky döwlet komitetiniň statistiki-seljeriş, usulyýet, usuly we neşir işleriniň ýyllyk, gysga we uzak möhletli maksatnamalarynyň taslamalary we olaryň ýerine ýetirilişi, şeýle hem taýýarlanan statistiki-seljeriş we usulyýet işleri ara alnyp maslahatlaşylýar. Ondan başga-da, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak (aspirantura, doktorantura okuwa ibermek, dissertasiýa işlerine deslapdan seretmek, alymlyk atlaryny dakmaga hödürlemek) meselelerine hem seredilýär.

10. Geňeşe hödürlenýän usulyýet we usuly işleri degişli böleginde Statistika baradaky döwlet komitetiniň sebitleýin edaralarynyň degişli bölümleri tarapyndan seredilmelidir.

11. Geňeşe hödürlenýän statistiki-seljeriş, neşir, usulyýet we usuly işleri, olara opponentler bellenmezden ozal degişli pudaklaýyn müdirliklere ylalaşmak hem-de bellikleri we teklipleri almak üçin seretmäge berilýär.

12. Geňeşe usulyýet ýa-da usuly işini hödürleýän müdirlik onuň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2008-nji ýylyň 29-njy sentýabryndaky 41 belgili buýrugy bilen tassyklanan «Usulyýet we usul işlerini bezemek boýunça usuly gollanma» laýyklykda taýýarlanyşyna jogapkärçilik çekýär.

13. Geňeşe hödürlenýän statistiki-seljeriş we usulyýet işleriniň her birine Geňeşiň başlygy ýa-da onuň orunbasary tarapyndan Geňeşiň agzalarynyň ýa-da Statistika baradaky döwlet komitetiniň merkezi edarasynyň we/ýa-da sebitleýin edaralarynyň, şeýle hem zerur halatynda degişli ministrlikleriň we pudak edaralarynyň ýokary hünärli işgärlerinden iki sany opponent bellenilýär.

14. Bellenen opponentler seljeriş ýa-da usulyýet işi bilen tanyş bolandan soňra oňa syn ýazýarlar. Geňeşiň mejlisinde opponentiň biriniň

gatnaşmadyk, emma onuň ýazmaça oňyn syny bar bolan ýagdaýynda işe seredilip bilner.

15. Geňeşiň mejlisinde işler ara alnyp maslahatlaşylanda hödürlenen işiň ýolbaşçysynyň ýa-da onuň esasy ýerine ýetirijileriniň biriniň, opponentleriň, Geňeşiň agzalarynyň we beýlekileriň çykyşlary diňlenýär. Geňeşiň işiniň netijisinde karar kabul edilýär. Geňeşiň işine onuň agzalarynyň 2/3 bölegi gatnaşan halatynda we şol karar üçin Geňeşiň işine gatnaşan agzalaryň 2/3 böleginiň oňyn ses bermegi netijesinde kabul edilen karar hakyky hasaplanylýar.

16. Geňeşiň mejlisiniň kararlary adatça açyk ses bermek esasynda kabul edilýär. Türkmenistanyň kanunlarynda ýa-da beýleki kadalaýjy hukuk namalarynda bellenen tertipdäki özboluşly meseleler boýunça (alymlyk atlaryny dakmak baradaky resmi towakgalar we ş.m.) kararlar gizlin ses bermek esasynda hem kabul edilip bilner. Şonuň ýaly halatda Geňeşiň agzalarynyň açyk ses bermeginde ses sanaýjy iş topary döredilýär hem-de onuň gizlin ses bermekligiň netijesi baradaky teswirnamasy Geňeşiň agzalarynyň açyk ses bermegi bilen tassyklanýar.

17. Geňeşiň karary bilen işi tassyklamaga, makullamaga, çap etmäge, degişli edaralara hödürlemäge, statistika işine ornaşdyrmaga ýa-da bellenen möhlete çenli maslahatlaşmagyň gidişinde edilen teklipleri we bellikleri göz öňünde tutmak bilen gaýtadan goşmaça işlemeklige maslahat berilýär.

18. Geňeşiň makullan usulyýet we usuly işleriniň tassyklanan (original) nusgasy Statistikanyň usulyýeti we guralyşy müdirliginde bellige alynýar we kagyz hem-de elektron görnüşlerinde saklanýar.

19. Geňeşiň makullan statistiki-seljeriş işleriniň ýazgylary Jemleýji-ykdysady seljeriş müdirliginde bellige alynýar we kagyz hem-de elektron görnüşlerinde saklanýar.

20. Geňeşiň mejlisi teswirnama bilen resmileşdirilýär. Teswirnamany hödürlenen işi ýerine ýetiriji müdirligiň işgäri Geňeşiň kätibi bilen bilelikde alyp barýar. Teswirnamanyň soňky görnüşini Geňeşiň kätibi resmileşdirýär.

21. Geňeşiň mejlisiniň teswirnamasyna Geňeşiň başlygy ýa-da onuň mejlisi alyp baran orunbasary we kätip gol çekýärler.

22. Geňeşiň mejlisiniň teswirnamalary yzygider bellige alynýar we Geňeşiň kätibinde saklanýar. Ol ýerine ýetiriji müdirliklere Geňeşiň mejlisiniň teswirnamalaryndan öz goly bilen tassyklanan degişli göçürmeleri berýär.

23. Hasabat ýylyndan soňky ýylyň birinji aýynyň dowamynda Statistikanyň usulyýeti we guralyşy müdirligi tarapyndan Geňeşiň işi barada ýyllyk hasabat taýýarlanylýar we ol Statistika baradaky döwlet komitetiniň ýolbaşçylary bilen ylalaşylyp, ýylyň jemi boýunça Statistika baradaky döwlet komitetiniň işiniň jemlerine goşulyp bilner.